**TurkmenTel -2024**

Salawmaleýkim, Hormatly Halakara Konferensiýa gatnaşyjylar! Hormatly myhmanlar, hanymlar we jenaplar! Telekommunikasiýa, telemetriýa, maglumatlar tehnologiýalary we tele-radio enjamlary boýunça «Türkmentel-2024» atly Halkara sergisinde we Konferensiýasynda Sizi hoş gördik.

**Hormatly Prezidentimiziň** alyp barýan parasatly syýasatynyň netijesinde, ýurdumyzda ykdysadyýetiň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, Telekommunikasiýa, maglumat tehnologiýalary, aragatnaşyk, şol sanda kosmos ulgamlarynda hem uly özgerişikler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşi orta we uzak möhletleýin döwürlere niýetlenen milli maksatnamalar esasynda amala aşyrylýar. Ýurdumyzda innowasiýalaryň, ýokary tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, ähli ulgamlaryň sanlaşdyrylmagyna hem-de bu ugurda dünýä tejribesini öwrenmeklige, şol sanda aragatnaşyk ulgamlaryny has-da kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy milli ykdysadyýetimiziň has okgunly ösýän pudaklarynyň biri hasaplanylýar.

Şol nukdaý nazardan, aragatnaşyk ulgamynda sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki hem-de hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirip, düýpli ylmy-tehniki özgertmeleri we iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň telekommunikasiýa ulgamynda halkara ölçeglere laýyk gelýän täze innowasion, sanly tehnologiýalary we maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny ornaşdyrmak işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bäsleşige ukyply häzirki zaman aragatnaşyk hyzmatlarynyň hil taýdan täze derejesini döretmek we ilata hödürlemek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Şol sanda, häzirki zaman aragatnaşyk hyzmatlarynyň iň kämil görnüşi bolan, hemra aragatnşygyny ösdürmekde hem uly işler we özgerişikler durmuşa geçirilýär. Çünki, kosmos giňişligini parahatçylykly maksatlar üçin ulanmak arkaly, kosmos babatynda ylmyň gazananlaryny durmuşa geçirmek bilen, emeli hemralaryň üsti bilen amala aşyrylýan dürli görnüşli aragatnaşyk hyzmatlary adamzat dürmuşynyň oňyn özgermegine getirýär, ýagny ygtybarly we dessin maglumat alyş-çalyşygyny hem-de ilatly ýerlerden uzak bolan nokatlary aragatnaşyk hyzmatlary bilen üpjün edýär.

Bilşimiz ýaly, eýýäm bir näçe ýyl bäri "TürkmenÄlem 52E" aragatnaşyk emeli hemrasynyň üsti bilen dürli görnäşli hemra aragatnaşyk hyzmatlary amala aýyrylýar. ***Çünki, hemra aragatnaşyk ulgamyny ösdürmegiň çäginde, emeli hemranyň transpoderlerini kärendesine bermek we hemra***

***aragatnaşyk hyzmatlaryny amala aşyrmak maksady bilen, "Türkmen Hemrasy" Ý.G.P.J. döredildi hem-de onuň garamagynda hemra aragatnaşyk hyzmatlaryny amala aşyrýan FSS-Teleport stansiýasy gurnalyp, işe girizildi. Şunuň bilen, "TürkmenÄlem 52E" aragatnaşyk emeli hemrasynyň üsti bilen dürli görnüşli aragatnaşyk hyzmatlary amala aşyrymak mümkinçilikleri has-da giň germe eýe boldy. Häzirki wagtda, milli kosmos ulgamyny kämilleşdirmek, hemra aragatnaşyk hyzmatlarynyň täze mümkinçiliklerini hödürlemek, kosmos babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek şeýle hem, täze taslamalary durmuşa geçirmek boýunça degişli işler yzgiderli alnyp barylýar.*** Häzirki wagtda, milli emeli hemranyň süti bilen 200-den gowurak Tele-radio kanallary ýaýlyma berilýär, emeli hemranyň transponderlerini uzak we gysga möhletli kärendesine bermek, internet hyzmatyny, bir ýa-da birnäçe nokadan – nokada maglumat geçirmek, emeli hemranyň üsti bilen göni ýaýlymlary amala aşyrmak, merkezden yzak ýerleşen ilatly we önümçilik ýerlerine öýjükli aragatnaşygy gurnamak ýaly dürli görnüşli hemra aragatnaşyk hyzmatlary ýerine ýetirilýär. Bu işleri durmuşa geçirmek, biziň ýurdumyzyda aragatnaşyk hyzmatlaryny elýeterli we ygtybarly etmek, häzirki zaman ösen tehnologiýalary ornaşdyrmak we daşary ýurtlar bilen bu ugurda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy amala aşyrmak üçin uly itergi bolup durýar.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmekligiň çäklerinde "TürkmenÄlem 52E" aragatnaşyk emeli hemrasynyň hyzmatlaryny ulanmaklyk mümkinçilikleri döreýär. Ýagny, emeli hemranyň üsti bilen merkezlerden uzakda ýerleşen ilatly ýerlere we önümçilik nokatlaryna elektron resminama dolanşygyny ornaşdyrmak, onlaýn tölegleri geçirmek, maglumatlary merkezi edaralara ugratmak, önümçililikde alnyp barylýan işleri göni sanly ulgam arkaly gözegçilikde saklamak, hemra internet torunyň üsti bilen sanly bilim ulgamyny kämilleşdirmek, seýismologiki we metrelogiki sanly maglumatlary degişli dolandyryş merkezlere jemlemek işleri amala aşyrylýar. Bu işleri durmuşa geçirmeklik, ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmekde emeli hemranyň mümkinçiliklerinden peýdalanmagyň möhümdigini görkezýär.

Kosmos babatynda halkara hyzmatdaşlygy ýokarlandyrnmak üçin, bir näçe daşary ýurt döwletleriniň Kosmos agentlikleri, halkara guramalary we iri kompaniýalary bilen yzygiderli degişli işler alnyp barylýar. ***"TürkmenÄlem 52E" aragatnaşyk emeli hemrasy boýunça "Thales Alenia Space" we "SSI-***

***Monaco” kompaniýalary bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.*** Şular ýaly Halkara sergileri we konferensiýalary geçirmeklik bu gatnaşyklary has-da ýokarlandyrmak we täze taslamalaryň üstünde işlemek babatynda gepleşikleri geçirmek üçin uly mümkinçilik döredýär.

Häzirki wagtda Kosmos müdirligi tarapyndan ýurdumyzda milli kosmos ulgamyny kämilleşdirmek, hemra aragatnaşyk hyzmatlarynyň täze mümkinçiliklerini hödürlemek, kosmos babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de täze taslamalary durmuşa geçirmek boýunça degişli işler yzgiderli alnyp barylýar. “TürkmenÄlem 52E” aragatnaşyk emeli hemrasynyň hyzmat ediş döwri tamamlanandan soň, onuň hyzmatlaryny dowam etdirmek üçin ikinji aragatnaşyk emeli hemrasynyň taslamasyny işläp taýýarlamak meýilleşdirilýär. Şol nukdaý nazardan, ikinji aragatnaşyk emeli hemrasynyň taslamasyny düzmek, ony gurnamak we işe girizmeklik “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekligiň Maksatnamasynda” göz öňünde tutuldy. Şunuň bilen, ikinji aragatnaşyk emeli hemra taslamasynyda häzirki zaman kosmos tehnologiýalary ulanmak, “TürkmenÄlem 52E” aragatnaşyk emeli hemrasynyň häzirki ýygylygyk zolagyny saklap, goşmaça ýygylyk ulanyp, onuň gerimini giňeltmek göz öňünde tutulýar hem-de hemrany ýerüstünden dolandyryş merkezini döwrebaplaşdyrmak meýilleşdirilýär. Bu babatda, emeli hemralary öndürýän öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalarynyň häzirki zaman aragatnaşyk hemralarynyň tehniki aýratynlyklary öwrenilýär. Taslamanyň çäklerinde emeli hemrany dolandyrmak we oňa gözegçilik etmek, ýerüsti radioýygylyk enjamlar ulgamyny dolandyrmak, degişli programma üpjünçilikleri bilen işlemek ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýörite okuw-tejribeçiligini geçirmeklik göz öňünde tutulýar. Şeýle hem, taslamany amala aşyrmak bilen baglylykda, aragatnaşyk emeli hemralary öndüriji daşary ýurt kompaniýalaryň tehniki mumkinçiliklerini we olaryň tekliplerini içgin öwrenmek maksady bilen, gepleşikler geçirilýär. «Türkmentel-2024» Halkara sergisiniň çäklerinde hem bu babatda gepleşikleri geçirmek üçin bir näçe daşary ýurt kompaniýalary bilen duşuşyklary geçirmeklik meýilleşdirilýär.

Kosmos müdirligi we degişli pudaklar tarapyndan älem giňişligiden ýeriň üstüne gözegçilik edýän emeli hemralardan alnan maglumatlary ýudumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda ulanmaklygy ýokarlandyrmak üçin işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýeriň üstüne gözegçilik edýän emeli hemralardan alnan maglumatlary oba hojalygynda, kartografiýada, kadastr işlerinde, suw ýataklaryna gözegçilik etmekde, gurluşyk işlerini meýilleşdirmekde, ekologiýada we beýleki ugurlarda ulanmak üçin daşary ýurt

kompaniýalaryndan kosmos suratlarny almak babatda hem degişli işler yzygiderli dowam etdirilýär.

Hormatly Halkara Konferensiýa gatnaşyjylar! Çykyşymyň soňunda, ýokarda beýan edilen ikinji aragatnaşyk emeli hemra taslamasynyny meýilleşdirmek we durmuşa geçirmek üçin aragatnaşyk emeli hemralaryny öndüriji kompaniýalarynyň bu ugurdaky tekliplerini öwrenmek üçin ikitarplaýyn gepleşikleri geçirmeklige çagyrýarys.

Hormatly Hanymlar we jenaplar! Siziň ähliňize işleriňizde we durmuşyňyzda üstünllik arzuw edýärin.

Diňläniňiz üçin sagboluň!!!